Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň 2026-njy ýylyň 25-nji maýynda çykaran 100-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Ekologik  geçelgeler hakynda düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1. Ekologik geçelgel hakynda düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) "Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk - Kanun) 53-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2. Şu Düzgünnama aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (mundan beýläk - Goraghana) käbir görnüşleriniň töwereginde (içinde) ekologik geçelgeleri döretmegiň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin Kanunda ulanylan düşünjeler ulanylýar.

4. Ekologik geçelge diýlip - janly tebigatyň obýektleriniň tebigy migrasiýasyny (ýaýramagyny) üpjün etmek we olary aýap saklamak üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleriň öz aralarynda we beýleki görnüşleri bilen aýratyn goralýan tebigy ýerleri birleşdirýän meýdanlaryň we suw obýektleriniň goralýan ýerleri tarapyndan berlen ekologik ulgamyň bir bölegine düşünilýär.

5. Ekologik geçelgelere derýalaryň ýakalary, suw basýan düzlükler we jülgeler, suw bölüji tokaýlar we gorag zolaklary girip biler.

6. Ekologik geçelgäniň ini 2(iki) kilometre, uzynlygy 200 kilometre çenli we ondan hem köp bolup biler.

7. Ekologik geçelgeleriň esasy wezipeleri:

1) göçmek – görnüşleriň ýaýramagyna we iýmitlenýän ýerleri gözlemeklige, şeýle hem populýasiýalaryň arasynda genetiki maglumatlaryň alyş-çalşyna ýardam berýär;

2) gorag – suw howdanlarynyň goralmagyna ýardam edýär, eroziýanyň öňüni alýar we howa aýratynlyklaryny saklaýar;

3) ekotopiki – ekotoplary (janly organizmleriň (haýwanlaryň,

ösümlikleriň) heniz bolmadyk ýerleri, mysal üçin täze atylyp çykan wulkanlardan emele gelen lawalar, garlaryň eremegi netijesinde buzluklardan üsti açylan ýerler) aýratyn goralýan ýerleriň bitewi ulgamyna birleşdirýär;

4) dikeldiji – ekoulgamlaryň tebigy täzelenmegini, biodürlüligiň dikeldilmegini we aýry-aýry populýasiýalaryň köplügini üpjün edýär.

8. Ekologik geçelgeler ýerli, sebitara ýa-da halkara (serhetüsti) bolup biler. Ýerüsti we ýerasty geçelgeler ekologik geçelgeler hökmünde hyzmat edip biler.

## II bap. Ekologik geçelgeleri döretmegiň maksady we olary dolandyrmak

9.Ekologik geçelgeler biologik köpdürlüligi aýap saklamak, aýratyn goralýan tebigy ýerlerde ýaşaýan haýwanlaryň köpelmegi we ösýän ösümlikleriň tebigy ýaýramagynyň ýollary arkaly goramak maksady bilen aýratyn goralýan tebigy ýerler bilen ekologik ulgamyň beýleki elementleriň arasyndaky giňişlik aragatnaşygyny üpjün etmek üçin döredilýär.

11. Ekologik geçelgeleriniň serhetleri we meýdanlary, olary goramagyň düzgüniniň görnüşleri Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - ygtyýarly edara) we ýer serişdeleri babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy tarapyndan kesgitlenýär.

12. Ekologik geçelgelerini dolandyrmak Kanunyna laýyklykda ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

13. Ýurdy durmuş-ykdysady ösüş maksatnamalary we meýilnamalary, tokaý hojalygyny ösdürmek, tokaý zolaklaryny emele getirmek boýunça taslamalar işlenip düzende, çäk bölünişikleriniň resminamalaryny taýýarlaýanda, ýerleriň tükellemesi geçirilende ekologik geçelgeleriniň araçäkleri we gorag düzgünleriniň aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

14. Daşky gurşawy goramak ulgamynda iş alyp barýan ýuridik we fiziki şahslaryň ekologik geçelgelerini goramak we peýdalanmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmekde ygtyýarly edara kömek etmäge hukugy bardyr.

## III bap. Ekologik geçelgeleriň çäginde aýratyn gorag düzgüni

15. Ekologik geçelgeleriň ýer böleklerinde ýabany haýwanlaryň wagtlaýyn ýaşaýan ýerlerinde olaryň aýalyp saklanylmagyny, köpelýän döwürlerinde uçmagyny, geçmegini, ýabany haýwanlaryň köpelýän ýerlerini aýap saklamagy üpjün edýän, bu ýerleri peýdalanmagy düzgünleşdirýän düzgün bellenilýär.

16. Ekologik geçelgeleriň çäginde aşakdakylar gadagan edilýär:

1) ýeriň relýefini üýtgetmek;

2) topragy aýyrmak we saklamak üçin uly möçberli gazuw-agtaryş işleri sebäpli toprak örtüginiň bozulmagy, eger bu durkuny täzelemek işleri, bar bolan ulag we aragatnaşyk ulgamlarynda abatlaýyş işleri bilen baglanyşykly bolmasa;

3) derýa we derýa kanallaryny düzeltmek, olaryň böleklerini zeýkeş akabalara gaplamak, derýalaryň we suw howdanlarynyň kenarlaryny betonlamak we dynç alyş ýa-da şäher maksatlary üçin täze suw howdanlaryny gurmak;

4) ösümlikleri we haýwanlary ornaşdyrmak;

5) ot ýakmak, rugsat berilmedik ýerlerde zir-zibilleri ýakmak;

6) haýwanat dünýäsi we olaryň ýaşaýan ýerleri üçin howply bolan pestisidleri, dökünleri, himiki reagentleri, ýangyç-çalgy materiallaryny we beýleki materiallary saklamak we ulanmak,

7) haýwanlaryň göçýän ýollarynda ýörite geçelgeleri bolmadyk üznüksiz desgalary (haýat, diwar) gurmak;

8) derýalarda ýa-da kanallarda suw akabalarynyň giňliginiň üçden iki böleginden geçýän gaýry suw akabalaryny gurmak ýa-da balyk tutmak enjamlaryny oturtmak;

9) ygtyýarly edara bilen ylalaşmazdan, bar bolan ulag we aragatnaşyk ulgamlarynda, binalarda düýpli gurluşyk işlerini geçirmek we olaryň durkuny täzelemek;

10) aragatnaşyk desgalaryny gurmakdan başga düýpli gurluşyk;

11) tokaýlarda ýangyn howpsuzlygy we sanitariýa howpsuzlyk çäreleriniň çäginde geçirilýän agaç kesmekden başga, tokaý agaçlaryny kesmek;

12) tebigy obýektlere zyýan ýetirýän beýleki hereketler, eger olar bar bolanlary abatlamak we täzeden gurmak ýa-da täze aragatnaşyk desgalaryny gurmak bilen baglanyşykly bolmasa.

17. Ekologik geçelgeleriň çäginde aşakdakylara rugsat berilýär:

1) haýwanlaryň we ösümlikleriň ýaşaýan ýerlerini gowulandyrmaga, ýabany toýnakly haýwanlaryň sanyny durnuklaşdyrmaga we köpeltmäge gönükdirilen biotehniki çäreleri

geçirmek;

2) tokaý ekinlerini ekmek (oturtmak);

3) derýalaryň boýundaky kenarýaka zolaklaryna ot ekmek;

4) dynç alyş çäreleri, syýahatçylyk ugurlaryny düzmek we gezelençleri geçirmek;

5) daşky gurşawyň böleklerini we biologik dürlüligi öwrenmek bilen baglanyşykly ylmy-barlag we bilim işlerini geçirmek;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýabany ösýän miweleri, hozlary, kömelekleri, ir-iýmişleri, dermanlyk ösümlikleri ýygnamak;

7) ekologiýa ulgamlaryndaky üýtgeşmelere gözegçilik etmek we monitoring geçmek;

8) tokaý hojalygy işleri, ýangyna garşy göreş çäreleri we tokaý meýdançalaryny goramak;

9) biologik we landşaft dürlüligini hem-de tebigy ekologik ulgamlary dikeltmek üçin çäreler.

18. Ekologik geçelgeleriň serhetleriň perimetri duýduryş we maglumat bellikleri bilen bellenilýär.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

19. Şu Düzgünnamanyň kadalarynyň berjaý edilişine ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

20. Şu Düzgünnamanyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

21. Şu Düzgünnama bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.